# Hadysalar

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hadysalar




*Daniil Harms (Daniil Iwanowiç Ýuwaçýow) 1905-1942. Meşhur rus çagalar şahyry, absurdizm usulunda ýazan ilkinji rus ýazyjysy.*
HADYSALAR
1. MAWY DEPDER №10 Gözleri we gulaklary ýok bir çypar adam ýaşaýardy. Saçlary bolmandan soñ oña şertli ýagdaýda çypar diýýärdiler. Agzy bolmandan soñ gepläbem bilenokdy. Hem onuñ burnam ýokdy. Hatda onuñ el-aýagam, garny, ýagrynysy, gerşi, hiç hili içgoşlary ýokdy.
Hiç zady ýokdy. Kim hakda gürrüñ edilýänem düşnüksizdi. Gowsy biz ol hakda gürrüñ hem etmäli.
1937.
2.HADYSALAR

Bir gezek Orlow üwelen nohutdan aşa düşüp ölüpdir. Muny bilen Kyrylow hem ýogalypdyr. Â Spiridonow bolsa öz-özünden ölüpdir. Â Spiridonowyñ aýaly bufetden ýykylyp ölüpdir. Spiridonowyñ çagalary howuzda gark bolup heläk bolupdyrlar. A Spiredonowanyñ mamasy serhoş bolup köçä çykyp gidipdir. Â Mihaýlow saçyny daramasyny bes edipdir we parşa keseli bilen keselläpdir. A Kruglow goly dürreli hanymyñ suratyny çekipdir we aklyndan azaşypdyr. Â Perehwastowa telegrafdan 400 rubl gelenden soñ şeýle bir hondanbärsi bolupdyr welin, ony işden süderläp çykarypdyrlar.
Gowy adamlar özlerini aýak üstüne galdyryp bilmeýärler.
22 awgust {1936}.

3.ÝYKYLYP DÜŞEN KEMPIRLER

Bir kempir biçak bilesigeljilikden ýana penjireden ýykylyp maýyp bolupdyr. Penjireden ýene bir kempir boýnuny çykaryp, ýykylyp helâk bolan ýañky kempire
biçak bilesigeljilik bilen seredipdir-de, olam ýykylyp kül-owram bolupdyr. Soñra penjireden üçünji we dördünji, bäşinji kempir ýykylyp düşüpdir. Altynjy kempir penjireden agdarylyp gaýdandan soñ seredip durmak ýüregime düşdi-de, Malsewskiý bazaryna gaýtdym. Aýdyşlaryna görä, ol ýerde bir köre dokalan şarf sowgadam beripmişler.
Daniil Harms.
Rusçadan terjime eden Sylapberdi Muhamow. Hekaýalar